# Ene wesýeti

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ene wesýeti ENE WESÝETI

*(Enäniñ çykjak gyzyna sargydy)*

Indi gutarandyr läläñ, hymmylyñ,
Adam bolgun, gyzym, baran ýeriñde.
«Yssy, sowuk, ýadaw…» yññyl-çyññylyñ,
Bolmasyn, kynçylyk goýan ýeriñde.

Meñzeş ýalam hemmäñ ýüz keşpleri,
Iýýän nany, geýýän egin-eşikleri.
Siñe syn et, bardyr üýtgeşik ýeri,
Tapawudy salam beren ýeriñde.

Salamdan başlaýyn men ak patamy,
Bu söz ýuwar ownuk-uşak hatañy,
Sylasañ gaýnene-gaýynatañy,
Säher salam bergin turan ýeriñde.

Edebiñ aýagam, başam salamdyr,
Ýürek joşam, göwün hoşam salamdyr,
Seni uly ile goşan salamdyr,
Ilden çykýañ ýüz öwüren ýeriñde.

Edep diñe salam diýip oýlama,
Çigit çigitleme, sakgyç çeýneme
Magnitofon açan bolup aýnama,
Ile ýakmaz, saña ýaran ýeriñde.

Seret, kişmiş iýseñ, bir ýany çöpli,
Garamata ýakyn uzynetekli.
Gybatdan daşda bol, bolgun edepli,
Oturma uzyndil «saýran» ýeriñde.

Ýakañ açyp ýüzüñ tutma asmana,

Akyl gelýän däldir atyr ysgana,
Mahabat bermegin «priçýoskaña»,
Moda kowalaşma baran ýeriñde.

Tämiz bol, kir suwuñ köçä dökmegin,
Goñşyñ ýelesinde keçe kakmagyn,
Öýüñ syryn alyp daşa çykmagyn,
Gep-gürrüñ sem bolsun dörän ýeriñde.

Kemlik bil, goýunlañ mäleşip dursa,
Itiñ açlygyndan ýatyrka üýrse.
Aýyp bil, gaýneneñ tamdyra girse,
Ýer ýarylsa ýagşy duran ýeriñde.

Ýatmaweri üstüñe gün doguryp,
Egilip gal ýüzüñ Käbä öwürip,
Jüýjejikleriñi daşyña egirip,
Köpeliber, gyzym, baran ýeriñde.

Gurbangylyç HYDYROW.

«Watan» gazeti, 1995 ý. Goşgular